# Professional kesel / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Professional kesel / satiriki hekaýa PROFESSIONAL KESEL

– Siz balykçylyk hojalygyna ýolbaşçylyk edýän ekeniñiz. Men redaksiýadan. Özüñizi okyjylara tanadaýsañyz.
– Men «Görelde» balykçylyk hojalygynyñ başlygy.
– Siziñ döwlet öñündäki plandyr borçnamalaryñyzy amal edişiñiz juda pes-le?
– He, şeýleräg-ä boldy. Segsen dördünji hojalyk ýylyny biz bary-ýogy 24 prosent bilen tamamladyk.
– Obýektiw ee subýektow sebäpleri bilen gyzyklanmaga rugsat ediñ.
– Obýektiw sebäbi, geçen ýyl juda ygally ýyl boldy. Ýagyş diýseñ köp ýagdy.
– Bagyşlañ, ygalyñ, ýagşyñ balyga näme zyýany bar? Gaýtam gowy bolmazmy?
– Üstünden ýagyş guýlup dursa, halys ytygsap, saralyp soluberýär. Ösüşden galýar. Janawarlara yssy ýetmeýär. Gerşi ýylamaýar.
– Geñ hadysa, täsin waka! 24 prosentde galmagyñyza başga nämeler sebäp boldy?
– Balyklara mineral we ýerli dökünleri öz wagtynda agrotehnikanyñ görkezmesi boýunça bermelidik. Emma berip bilmedik. Mineral diýdigim azot, superfosfat, ýerli dökün hem-de ders-dä. Özüñ-ä daýhan ogluna meñzeýäñ?!
– Be, bu nähili beýle bolýar?
– Onsoñam balyklara wagtly-wagtunda suw tutup bilmedim. Näçe hepdeläp suwsuz solup oturdy.
– Suwsuz balyk gyrlaýmazmy?!
– Guran kartalar hem boldy!
– Men-ä köp zada düşünýän däldirin.
– Biz hatarlaryñ aralaryny bejermekde-de, sowuk-salalyga ýol

berdik.
– Hatar aralary?…
– Haşal ota basdyrdyk.
– Ak amur bilen kütimaňlaý ot köp bolsa semreýär ahyry?!
– Defolýasiýa irräk geçirildi. Balyklar gögräk galdy.
– Defolýasiýa, defolýasiýa?! Siz gowaçanyň ýapragyny düşürmek barada gürrüň edýän ýalydyňy-la?!
– Ýok meniň balygyň teňňesini düşürmek barada aýdýan. Balyga sowka karadrin hüjüm etdi. Samolýot bilen derman pürküldi. ODN. Başlyk aga, şundan öň siz nirede işläpdiňiz?!
– Mundan öň beg ýaly günüm bardy. Pagtaçylyk kolhozynda on-on bäş ýyl başlyk bolupdym.

Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar